# DERÝA SUWUNYŇ AKYŞ MÖÇBERI WE AKYMY.

# 1. Derýa suwunyň akymy näme?

Jogaby:

Derýanyň kesiminden belli bir wagtda akyp geçýän suwunyň umumy mukdaryna aýdylýar.

# 2. Şaglawuklar näme?

Jogaby:

Eger-de derýanyň hanasynyň ugrunda suwda eremeýän gaty dag jynslary gabat gelse, onda şol jynslaryň üstünden derýa suwy aşaklygyna uly tizlik bilen inýär. Olara şaglawuklar diýilýär.

# 3. Dünýäde iň uly şaglawuk haýsy şaglawuk?

Jogaby:

Günorta Amerikada Orinoka derýasyndaky Anhel şaglawugy.

# 4. Has belli şaglawuklaryň atlaryny aýdyň?

Jogaby:

Zambezi derýasyndaky Wiktoriýa şaglawugy, Niagara derýasyndaky Niagara şaglawugy.

# 5. Şaglawuklar näme öndürmekde peýdalanylýar?

Jogaby:

Elektrik energiýasyny.

# 6. Bosagalar näme?

Jogaby:

Derýanyň hanasynda dag jynslarynyň deň derejede ýuwulmazlygy netijesinde akymyň ugrunda köp sanly uly bolmadyk kert-kert basgançaklar emele gelýär. Bulara bosagalar diýilýär.

# 7. Türkmenistanyň derýalary haýsylar?

Jogaby:

Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek, Garagum, Türkmen derýasy.